***Hemişelik Bitaraplygymyzyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmeginiň şanly 30 ýyllygynyň bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 4-8-nji awgusty aralygynda owazasy dünýä dolan Awazada Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçiriler. Ýokary guramaçylyk derejesinde geçiriljek BMG-niň bu iri wekilçilikli maslahatynyň dünýäniň iň abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda Bitarap döwletimizde geçirilmegi çuňňur many-mazmuna eýedir.***

Forumyň esasy maksady deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmaga, sebitara we halkara söwda gatnaşyklaryny giňeltmäge gönükdirilendir. Bu meseleleriň oňyn çözgüdi gatnaşyklaryň hilini özgertmäge hem-de netijeliligini artdyrmaga ýardam eder. Maslahatda 2024 — 2034-nji ýyllar döwri üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň kabul edilmegi göz öňünde tutulýar. BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmek bilen ýurdumyz Durnukly ösüş maksatlaryny mundan beýläk-de ilerletmäge taýýardygyny bütin dünýä ýene bir ýola äşgär eder.

Gahryman Arkadagymyzyň: «Hazaryň kenarynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatyny geçirmek we onuň çäklerinde beýleki medeni-ynsanperwer çäreleri ýaýbaňlandyrmak arkaly Türkmenistan dünýä ýurtlarynyň arasynda dostluk köprüleriniň binýadyny has-da berkider» diýip belleýşi ýaly, dostluk mekany Awazada üstünlikli geçiriljek halkara forumda gazanyljak ylalaşyklar, kabul ediljek çözgütler Bitarap döwletimiziň döwrebap ulag-logistika ulgamynyň sebit we yklym ähmiýetli ýollaryň ösmegindäki ähmiýetini has-da artdyryp, dünýäde parahatçylygyň, ynanyşmagyň, durnukly ösüşiň rowaçlanmagyna kuwwatly itergi berer.

**Maral JUMAMYRADOWA,**
**Seýitnazar Seydi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň Pedagogika fakultetiniň talyby.**

Все права защищены